# Haýsy döwlet?

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 23 января, 2025
Haýsy döwlet? HAÝSY DÖWLET?




Akyldarlar ençeme asyrlap “döwlet näme?” diýen soragyñ jogabyny gözlediler.
Eflatun, Aristotel, Siseron, Awgustinus, Foma Akwinskiý, Makiawelli, Žan Boden, Monteskýu, Žan Žak Russo, Gegel, Marks dagylar hersi aýry-aýry döwlet kesgitlemesini berdiler…
Tomas Gobbsyñ pikiriçe, döwlet bolmasa adamlar biri-birini eksplutatirlärdiler, ezerdiler, gul-gyrnaga öwrerdiler…
Gobbs «parlamentarlar» bilen «korollygyñ» tarapdarlaryñ arasynda bolup geçen iñlis raýatlyk urşunyñ soñky ýyllarynda – 1651-nji ýylda ýazan “Leviathan” eserinde şuña ünsi çekdi:
“ – Ilkibaşda biz-adamlaryñ hak-hukuklaryny we azatlygyny goramak üçin dörän döwlet ösdi, ulaldy. Şahsy goramak üçin döredilen döwlet şahslaryñ üstünlik tiranlyk gurmaga başlady. Göýä «ynsanperwer döwlete» wekilçilik edýän patyşalaryñ, imperatorlaryñ, soltanlaryñ zulmy astynda adamlar ezildi. Ýaşamaga bolan hukuk, mülk edinmäge bolan hukuk, şahsy azatlyklar püçege çykaryldy. Asyrlar «despotik döwletiñ» guýrugyny göterip geldi… Netijede ykdysadyýetde meseleler ýüze çykmaga başlady. Isripçilik we urdumşalyklar köpeldi. Döwlet asyl barlyk sebäbini unutdy. Hem-de döwlet sosial peýdasyndan sosial çykdajysy bolan bir gurama öwrüldi…”
Iñlis monarhiýasynyñ “Leviathan” kitabyny derñäp başlamagy bilen Gobbs howatyrlanma duýan ýazgylaryny ýakdy!
Gobbsy ýatlatmagymyñ sebäbi bar:

- **GÜÝÇ SIZI HAKLY EDIP BILMEZ**

MIT üniwersitetinden professor Daron Ajemogly…
Çikago üniwersitetinden professor Jeýms A.Robinzon…
“Uluslaryñ çöküşi” kitabyny 2013-nji ýylda ýazdylar. Awtorlar “käbir ýurtlar baýka, käbirleri näme üçin garyp” diýen soragyñ jogabyny tapmak üçin okyjysyny taryhy ýolagçylyga çykardy. (Daron Ajemogly Abdylla Gülüñ elinden şol ýyl Prezidentiñ Medeniýet we sungat boýunça baş baýragyny alypdy.)
Ajemogly we Robinzon 2019-njy ýylda döwletleriñ, jemgyýetleriñ we azatlygyñ gelejeginden söz açýan “Dar koridor” kitabyny neşir etdirdiler.
Olar “döwlet” boýunça Gobbsyñ pikirinden tapawutlanýan pikirlerini şeýle ýazdylar:
“ – Turuwbaşdan döwletsiz jemgyýetlerem, eden-etdiligi gözegçilik astyna almaga we gapma-garşylyklary çäklendirmäge ukyply bolup bilerler. Emma bu ýagdaýyñ erkinlige o diýen bir peýdasy ýok. Gobbsyñ beýleki bir kemçiligi döwletleriñ üpjün etmeli erkinligi babatda aşa hoşniýetli bolmagydyr… Güýç sizi hakly edip bilmez we güýç hiç bir ýagdaýda erkinligi getirip bilmez.”
Ajemogly we Robinzon, “Despotik Leviathan” düşünjesiniñ üstünde kän durdular. Despotik agalyk görnüşüniñ kesgitleýji tarapy ildeşlerini gönüden-göni gysyş astynda saklamagy däl-de, halka döwlet güýjüniñ nähili ulanylmagy boýunça söz hukugynyñ berilmezligidi.
Jemgyýete hasap bermän başlamagydy…
Despotik döwletiñ ýüzi gorkunçdy: “Ildeşleriniñ agzyny baglar, olaryñ isleglerine gulak salmaz, olary boýunturyklar, tussag eder, maýyp-müjrüp eder we öldürer. Hatda daban azaplarynyñ miwesini ogurlar ýa-da başgasynyñ ogurlamagyna şert döreder…”
Despotik döwletiñ özüne zor bilen hormat goýdurjak bolmagynyñ sebäbi-de, gorky döretmek isleýändigindedir.

## ■ AMATLY PURSATY SYPDYRDY

“Dar koridoryñ” ady nireden gelip çykýar?
“Koridor” erkinlik boýunça ýetilen sepgitleriñ belli bir wagt bolmagydy…

“Dar” bolmagynyň sebäbi-de, üstünligiň aňsat gazanylmaýandygyny aňladýardy.
“Dar koridordan”Türkiýe geçibildimikä?
“-Ykdysady üstünliklerden peýdalanmaýan, güýjüň az sanly saýlama adamlarda jemlenendigini duýýan we döwlet apparatyna ynamsyzlyk bilen garaýan jemgyýet. Dürli partiýalaryň arasyndaky basdaşlygyň gitdigiçe bölünşige öwrülmegi. Ýuridiki taraplaryň gapma-garşylyklary çözmekden we araçylyk etmekden ejiz gelmegi… Ýuridiki taraplary barha-da durnuksyzlaşdyran we olara edilýän ynamyň içini hasam boşadyp taşlan ykdysady çöküş. Az sanly saýlama adamlardan halky goraýandygyny aýdyp öwünýän ýeke-täk adam…”
Awtorlar bu kesgitlemä bap gelýän liderleriň hataryna Erdogan, Tramp, Wiktor Orban, Marine Le Pen ýaly atlary goşdy.
Awtorlaryň pikiriçe, Türkiýä 2000-nji ýyllaryň başynda “dar koridora” girmek üçin amatly pursat döredi. Emma…
“ – Türkiýe despotik döwlet gözegçiliginiň bir görnüşinden başga bir görnüşine geçdi. 2007-nji ýyldan soň AKP ýüzüni gatatdy we ýurtdaky güýç nokatlarynyň ählisiniň jylawyny öz eline almaga ünsüni berdi… 2011-nji ýyla gelenimizde, Türkiýe žurnalistleri gazamada dykýan ýurtlaryň sanawynyň başyny çekýärdi. Türkiýe häzirem iň köp žurnalistiň türmede oturan ýurtlarynyň sanawynda birinji orunda durýar… Türkiýe koridora girme mümkinçiligini sypdyrdy…”
Ýeri…
Erkinligiň we demokratiýanyň soňky ykbaly ýurdumyzda neneň-niçik borka?
Öňümüzdäki döwürde ykdysady krizisi hasam ýakyndan duýjak Türkiýä kyn günler garaşýar. Döwlet garaýşynda awtoritarlaşma barha artarmy? Ýa-da krisiz ýazylganlyklardyr erkinlikler bilen ýeňlip geçilermikä?
Niýet edeliň, ikinjisi bolsun-da, hernä…

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 05.06.2020 ý.

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW,